Taryhyny 1869-njy ýylda Fransiýanyň Pariž we Ruan şäherleriniň aralygynda geçirilen ilkinji uly ýaryşdan alyp gaýdýan welosiped sporty 1896-njy ýylda Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna girizildi. Welosiped häzirki wagtda tutuş dünýäde iň ýörgünli ulag serişdesine öwrüldi. Awtomobiliň welosipede çalşylmagy daş-töwerege ýaýraýan zyýanly gazlaryň derejesini peseltmäge kömek edýär. Ynsan saglygy, ekologiýanyň arassalygy üçin hem iňňän ähmiýetli bu ulagyň biziň ýurdumyzda sanynyň köpelmegi, ýaşlaryň arasynda welosipede bolan höwesiň artmagy onuň meşhurlygyny barha ýokarlandyrýar. Ýer ýüzünde uly meşhurlyga eýe bolan bu sport görnüşiniň Türkmenistanda hem uzakdan gözbaş alýan taryhynyň bardygy bellärliklidir. Bu taryh 1894-nji ýylda Aşgabatda ilkinji welosipedçiler jemgyýetiniň döredilmeginden gözbaş alýar. Munuň şeýledigine 1895-nji ýylyň iýun aýynda welosiped sürmek boýunça ilkinji ýaryşyň geçirilendigi hem şaýatlyk edýär.

Welosiped ulagyň ekologiýa taýdan arassa görnüşidir. Welosiped sürmek ruhuňy belende galdyrýar, şeýle hem mähriban ülkämiz boýunça gyzykly gezelençleri amala aşyrmaga, tebigatyň ajaýyp künjeklerine baryp görmäge mümkinçilik berýär. Welosipedde gezelenç etmek bedene kadaly agram salýar. Munuň özi bolsa adamyň bedeniniň möwsümleýin sowuklama we beýleki kesellere üstünlikli garşy durmagyny üpjün edýär. Lukman hünärmenleriň pikirine görä, welosiped sürmek ýürek-damar keselleriniň döremek howpuny ep-esli azaldýar hem-de dem alyş ulgamyna oňyn täsir edip, öýkeniň kadaly işlemegine ýardam berýär.

Arkadagly Gahryman Seradarymyzyň parasatly baştutanlygynda amala aşyrylýan döwlet syýasatynyň netijesinde häzirki wagtda bedenterbiýe-sagaldyş we sport hereketi Türkmenistanda giň gerime eýe boldy. Welosiped sporty bilen meşgullanýan türkmenistanlylaryň sany ýylsaýyn artýar. Sportuň bu görnüşi, sözüň doly manysynda, ýurdumyzda täze galkynyşa eýe boldy.

Ýurdumyzda giň gerime eýe bolan welosiped sportuny ösdürmekde edilýän işleriň hatarynda belli seneler mynasybetli guralýan köpçülikleýin welosiped ýörişlerini mysal getirmek bolar. Mundan başga-da, welosiped we bu ugurdaky giň gerimli çäreler ýurdumyzyň adynyň Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilmegine mynasyp goşant goşdy. 2018-nji ýylda geçirilen welosiped sürmek boýunça iň köp sanly ildeşlerimiziň gatnaşmagynda okuw sapagy, 2019-njy ýylyň 1-nji iýunynda paýtagtymyzyň Olimpiýa şäherçesinde iň dowamly bir nyzamly welosipedli ýörişiň geçirilmegi bilen onuň täze dünýä rekordy hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilendigini bellemek gerek. 2022-nji ýylyň 15-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň 193 agza döwletleri Türkmenistan tarapyndan öňe sürlen bütin dünýäde welosiped sportuny ösdürmek baradaky Kararnamany ykrar etdi. Bu Kararnamada bellenilişi ýaly, onda ösen we ösüp barýan döwletlerde welosiped sürmegi şäher we oba şertlerinde guramak we ösdürmek, şeýle-de ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek, welosiped

Все права защищены

save pdf date >>> 24.11.2024

sürüjileriň sanyny köpeltmek, awtoulaglardan çykýan gazlaryň möçberini kemeltmek esasy wezipeler bolup durýar.

Ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgeleriniň ýaýbaňlanmagy ugrunda uly tagallalary edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak il-ýurt, umumadamzat bähbitli, tutumly işleri hemişe üstünliklere beslensin!

Taryhyny 1869-njy ýylda Fransiýanyň Pariž we Ruan şäherleriniň aralygynda geçirilen ilkinji uly ýaryşdan alyp gaýdýan welosiped sporty 1896-njy ýylda Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna girizildi. Welosiped häzirki wagtda tutuş dünýäde iň ýörgünli ulag serişdesine öwrüldi. Awtomobiliň welosipede çalşylmagy daş-töwerege ýaýraýan zyýanly gazlaryň derejesini peseltmäge kömek edýär. Ynsan saglygy, ekologiýanyň arassalygy üçin hem iňňän ähmiýetli bu ulagyň biziň ýurdumyzda sanynyň köpelmegi, ýaşlaryň arasynda welosipede bolan höwesiň artmagy onuň meşhurlygyny barha ýokarlandyrýar. Ýer ýüzünde uly meşhurlyga eýe bolan bu sport görnüşiniň Türkmenistanda hem uzakdan gözbaş alýan taryhynyň bardygy bellärliklidir. Bu taryh 1894-nji ýylda Aşgabatda ilkinji welosipedçiler jemgyýetiniň döredilmeginden gözbaş alýar. Munuň şeýledigine 1895-nji ýylyň iýun aýynda welosiped sürmek boýunça ilkinji ýaryşyň geçirilendigi hem şaýatlyk edýär.

Welosiped ulagyň ekologiýa taýdan arassa görnüşidir. Welosiped sürmek ruhuňy belende galdyrýar, şeýle hem mähriban ülkämiz boýunça gyzykly gezelençleri amala aşyrmaga, tebigatyň ajaýyp künjeklerine baryp görmäge mümkinçilik berýär. Welosipedde gezelenç etmek bedene kadaly agram salýar. Munuň özi bolsa adamyň bedeniniň möwsümleýin sowuklama we beýleki kesellere üstünlikli garşy durmagyny üpjün edýär. Lukman hünärmenleriň pikirine görä, welosiped sürmek ýürek-damar keselleriniň döremek howpuny ep-esli azaldýar hem-de dem alyş ulgamyna oňyn täsir edip, öýkeniň kadaly işlemegine ýardam berýär.

Arkadagly Gahryman Seradarymyzyň parasatly baştutanlygynda amala aşyrylýan döwlet syýasatynyň netijesinde häzirki wagtda bedenterbiýe-sagaldyş we sport hereketi Türkmenistanda giň gerime eýe boldy. Welosiped sporty bilen meşgullanýan türkmenistanlylaryň sany ýylsaýyn artýar. Sportuň bu görnüşi, sözüň doly manysynda, ýurdumyzda täze galkynyşa eýe boldy.

Ýurdumyzda giň gerime eýe bolan welosiped sportuny ösdürmekde edilýän işleriň hatarynda belli seneler mynasybetli guralýan köpçülikleýin welosiped ýörişlerini mysal getirmek bolar. Mundan başga-da, welosiped we bu ugurdaky giň gerimli çäreler ýurdumyzyň adynyň Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilmegine mynasyp goşant goşdy. 2018-nji ýylda geçirilen welosiped sürmek boýunça iň köp sanly ildeşlerimiziň gatnaşmagynda okuw sapagy, 2019-njy ýy-

Все права защищены

lyň 1-nji iýunynda paýtagtymyzyň Olimpiýa şäherçesinde iň dowamly bir nyzamly welosipedli ýörişiň geçirilmegi bilen onuň täze dünýä rekordy hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilendigini bellemek gerek. 2022-nji ýylyň 15-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň 193 agza döwletleri Türkmenistan tarapyndan öňe sürlen bütin dünýäde welosiped sportuny ösdürmek baradaky Kararnamany ykrar etdi. Bu Kararnamada bellenilişi ýaly, onda ösen we ösüp barýan döwletlerde welosiped sürmegi şäher we oba şertlerinde guramak we ösdürmek, şeýle-de ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek, welosiped sürüjileriň sanyny köpeltmek, awtoulaglardan çykýan gazlaryň möçberini kemeltmek esasy wezipeler bolup durýar.

Ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgeleriniň ýaýbaňlanmagy ugrunda uly tagallalary edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak il-ýurt, umumadamzat bähbitli, tutumly işleri hemişe üstünliklere beslensin!

**Ýusup ÝOLLYÝEW**
**Türkmenistanyň Döwlet**
**energetika institutynyň talyby**

Все права защищены